

# ÇYNAR

ZAMAN TÜRKMENISTAN
«Çynar» çagalar kitapçasy 1/2025

## Tomus pasly çagalara şatlyk paýlaýar








GYZYKLY GÜÝMENJELER, TAMPAÇALAR, ERTEKILER, LABRINTLER

ŞEKILLERI BIRLEŞDIRMEK WE REŇKLEMEK, JANLY-JANDARLAR HAKYNDA GYZYKLY MAGLUMATLAR, KIÇIJIK KROSSWORDLAR






# Towsaklaýan täsin jandar

Awstraliýada ýaşaýan kengurularyň üç görnüşi bolýar. Bu jandarlaryň öň aýagy kelte, art aýagy we guýrugy uzyn bolýar. Olar adatça towsup ýöreýär. Olar çagalaryny belli bir ýaşa çenli torbalarynda göterip gezýärler. Bu täsin jandarlar Indoneziýada we Täze Gwineýa adasynda hem ýaşaýar. Bu jandarlar ot, ir-iýmiş we maýdaja mörmöjekler bilen iýmitlenýärler. Gyzyl kenguru olaryň iň uly görnüşi bolup, gündogar kengurusy bolsa, iň agyry hasaplanýar. Torbalylar maşgalasynyň iň kiçisi bolan çal kengurular bolsa, Awstraliýanyň nyşany hasaplanýar. Adatça, haýal ýöreýän bu jandarlar haýsydyr bir zatdan ürkseler ýa-da duşmanyndan gaçanlarynda çalt hereket edýärler.




Tebigy şertlerde ortaça 10 ýyl töweregi ýaşaýan kengurularyň 20 ýyldan köp ýaşaýany hem gabat gelýär. Olaryň boýy 60 santimetrden 1,5 metre (dik aýak üstünde duran mahaly 1,80 metre ýetýär) çenli, agramy 18-95 kg aralygynda bolýar. Gyzyl kengurunyň guýrugynyň uzynlygy 90 sm-e barabar. Olar sagatda 55 km tizlik bilen ylgaýar. Uzyn guýrugy ylgaýan mahaly deňagramlylygyny saklamaga ýardam edýär. Gyzyl kenguru 5 metrden gowrak aralyga böküp bilýär. Olar suwsuzlyga hem çydamly jandardyr. Gündizine kölegede dynç alyp, agşam ýa-da irden howanyň salkyn mahaly otlaýarlar.





*Peýdaly oýnawaç*

# KALEÝDOSKOP

Kaleýdoskop turba görnüşli optiki enjam bolup, öz aralarynda burç emele getirýän tekiz aýnanyň ýagtylygy serpikdirmesi arkaly şekilleri görkezýär. Kaleýdoskopda görünýän nagyşlaryň mukdary enjamyň içinde oturdylan ikiden dörde çenli ýa-da ondan hem köp bolýan aýna bölekleriniň sany-na baglydyr. Kaleýdoskop turbasynyň bir ujunda ýalpyldysyz aýna we beýleki ujunda ondan kiçiräk ýalpyldawuk aýna oturdylýar. Turbanyň içine, ýagny aýnalaryň aralaryna dürli ululykdaky gülleriň şekilleri, monjuklar, düwme we başga-da üýtgeşik şekiller ýerleşdirilýär. Kaleýdoskopy ýagtylyga bakdyryp, onuň öňdäki halkasyny towlamak bilen, şöhläniň birnäçe gezek serpikmegi netijesinde ýerlerini üýtgedýän owadan simmetrik nagyşlary görüp bolýar. Iň gyzykly ýeri hem, bir gören nagşyň gaýtalanmaýar. Kleýdeskop grekçeden terjime edilende “owadan şekile seredýärin” diýmegi aňladýar.

Şotland fizigi Deýwid Brýuster 1816-njy ýylda ýagtylyk bilen bagly geçiren tejribesiniň dowamynda kaleýdoskopy oýlap tapýar. XIX asyryň ortalarynda onuň köpçülikleýin önümçiligi ýola goýulýar. Şol döwürler meşhurlygy has-da artyp, Amerikada hem ýaýrap başlaýar. 1870-nji ýylda amerikan alymy Çarlz Buş Ýewropadan getirilen kaleýdoskop oýnawajyny görýär we tiz wagtda ony döwrebaplaşdyrýar. Onuň ýasan kaleýdoskopy uly bolmadyk gara silindr bilen agaçdan ýasalan ýörite aýlanýan halkadan ybarat bolupdyr. Şeýlelikde, XX asyrda kaleýdoskoplar ulularyň däl-de, çagalaryň güýmenjesine öwrülýär. Wagtyň geçmegi bilen kaleýdoskoplaryň ululyklary we görnüşleri üýtgeýär. Häzirki wagtda turba görnüşindäki kaleýdoskoplar iň gowy oýnawaçlaryň biri hasaplanýar. Onuň has kiçi çagalara niýetlenen görnüşleri hem bar. Kaleýdoskop çaganyň reňkleri saýgarmak ukybyny, duýgularyny we döredijilikli pikir ýöretmelerini ösdürýär.

# Tegelek älemgoşar

Ýagşyň yzýany peýda bolýan älemgoşaryň, aslynda ikisiniň birbada döreýändigini eşidipmidiňiz? Kämahal olaryň ikisi hem bir wagtda görünýän bolsa, beýlekisiniň örän öçügsi bolup görünýän mahaly has köp gabat gelýär. Olaryň reňkleriniň ýerleşiş tertibi bir-biriniň tersine bolýar. Bize ýarym Aý görnüşde görünýän älemgoşara belli bir belentlikden seredilende bolsa, ol tegelek bolup görünýär. Ýagyşly howada belli bir belentlige çykylsa, ony tegelek görnüşde hem görmek mümkin. Älemgoşar ýagyş damjalarynyň içinden Gün şöhlesiniň döwlüp geçmegi netijesinde emele gelýär. Şol sebäpli ol şaglawuklarda, hatda kiçijik suw çüwdürimlerinde hem peýda bolýar.

Älemgoşar, adatça, ýedi reňkli bolýar. Emma onuň diňe ak reňklisi hem bar. Örän seýrek duş gelýän bu ýagdaý sowuk ýerlerde, ümürli howada döreýär. Şeýle howadaky örän maýda suw damjalary Gün şöhlesini reňk döredip bilmejek derejede az döwýär. Ak älemgoşaryň iki gyrasynda çalaja gyzyl ýa-da gögümtil reňk bolýar. Onuň reňkiniň ak bolmagynyň sebäbi damjalar kiçi bolansoň, şöhle reňki serpikdirip biljek derejede döwülmeýär we ugruny çalaja üýtgedip geçip gidýär.








## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



# SUW NÄÇE DEREJEDE GAÝNAÝAR?

Suw 100 derejede gaýnaýan organiki däl birleşmeleriň biridir. Suw islendik gyzgynlykda bugaryp we ýylap bilýär. Emma tagamsyz, yssyz we reňksiz bu himiki madda 100 derejeden soňra dolulygyna gaýnaýar. Suwuň gaýnamagyna, ilki bilen, düzümindäki minerallar we duzlar täsir edýär. Mysal üçin, deňiz suwy (şor suw) süýji suwa görä, haýal gaýnaýar. Adaty suw -32 derejede doňýan bolsa, şor suw -28 derejede gaty hala geçýär.

Suwuň gaýnamagyna täsir edýän ýagdaýlaryň ýene biri hem atmosfera basyşydyr. Suwuň gaýnaýşy basyşa görä üýtgeýär. Atmosfera basyşy ýokary çykylanda peselýär, ummanlaryň düýbüne çümülende bolsa beýgelýär. Şol sebäpli has uly belentliklerde suw az derejede gaýnaýar. Mysal üçin, atmosfera basyşynyň kadaly ýagdaýynda suw 100 derejede gaýnaýan bolsa, Ýeriň iň beýik nokady bolan Jomolungma depesinde (8848 metr) suwuklyk 70 derejede gaýnaýar. Deňiz derejesinden has pes ýerlerde bolsa suwy gaýnatmak üçin 120-130 dereje gyzgynlyk gerek bolýar.

# GOBBLET

**Bu oýnuň pikirlenmek, ünslüligiňi we ýatkeşligiňi güýçlendirmek ýaly peýdalary bar.**

Iki bolup oýnalýan bu oýnuň döränine entek köp wagt geçmedi. "Thierry Denoual" atly kompaniýanyň döreden bu oýny tagtanyň üstünde iki bolup oýnalýar. Oýunda 12-si gara, 12-si ak – jemi 24 bulgur bolýar. Şeýle hem olary ýerleşdirmek üçin dört-dörtden jemi 16 öýjükli tagta bar. Oýnuň 3x3 öýjükli (jemi 9 öýjük) görnüşi hem bar. Her oýunçy meňzeş reňkli, ululygy boýunça dört görnüşi bolan bulgurlary alýar. Oýunçylar her göçümde 1 bulgury goýup, olaryň dördüsini keseligine, uzynlygyna ýa-da atanaklaýyn hatarlamaga synanyşmaly. Ululygy tapawutly bolansoň, garşydaş oýunçy siziň bulguryňyzyň üstüne has uly bulgury düňderip, öňüňizi kesip bilýär. Ýa-da bolmasa, göteren bulgurynyň aşagyndan siziň kiçi bulguryňyz çyksa, oýnuň ýagdaýy bada-bat üýtgäp bilýär. Ilki, her oýunçy öz bulgurlaryny üsti-üstüne goýup, düňderilgi ýagdaýda öňünde goýýar. Soňra tertip bilen, ýagny ilki iň uly bulgurlar tagta düzülýär. Ikinji göçümde beýleki bulgurlar ýa-da tagtadaky bulgurlaryň ýerini üýtgetmek arkaly göçüm amala aşyrylýar.



Oýnuň düzgünleriniň arasynda uly bulgur bilen kiçi bulguryň üstüni ýapyp bolýar. Daşardan alnan bulgurlar tagtadakydan uly hem bolsa, üstüni ýapmak bolmaýar, ony diňe boş öýjüge ýerleşdirip bolýar. Ýöne garşydaş oýunçynyň bulgurlarynyň üçüsi hatara düzülen bolsa, onda daşardaky bulgur bilen hem garşydaşyň bulgurynyň üstüni ýapmaga rugsat edilýär. Esasy düzgün bolsa, ellän bulguryňyzy hökman göçmeli. Sebäbi, onuň aşagyndaky bulgur oýnuň ykbalyny üýtgedip bilýär. Gobblet oýnunda garşydaşyň göçümini öňünden çaklamaga synanyşmaly we haýsy bulguryň aşagynda haýsy bulguryň bardygyny ýadyňyzda saklamaly.




# Aýnada bug nädip döreýär?

Kähalatlarda penjiräniň ýüzünde buguň emele gelýän wagtlary bolýar. Bu hadysa hammamda ýa-da aşhanada hem gabat gelmek bolýar. Eýsem, howadaky bug näme üçin aýnanyň ýüzünde ýygnanýarka?! Howanyň düzüminde azda-kände bug halynda suw bolýar. Bu pasla, howanyň ýagdaýyna görä üýtgäp duryar. Bug sowuk tekizlige degse, gaýtadan suwa öwrülip, şol ýerde birigýär. Muny awtoulaglarda, äýnekde hem görmek bolýar. Awtoulaglaryň käbirinde buguň öňüni alyjy ýörite enjam bolýar. Şeýle hem ýyladyjy ulgamy dogry işledilende, ol bugarmaýar.

Äýnekleriň hem bugarmaýan görnüşleri bolýar. Öýüň penjireleri bugarýan bolsa, gapyny, penjiräni açmak, howa üfläp işleýän ýyladyjyny işletmek ýaly usullar bilen onuň öňüni almak bolýar. Şeýle ýagdaýyň ýüze çykmazlygy üçin nahar bişirilýän wagty aşhana talabalaýyk ýelejiredilmeli. Bulardan başga-da, aýnanyň bugarmagynyň öňüni almak üçin mata bölejigine biraz gap-gaç ýuwujy serişde damdyryp, onuň bilen aýnany süpürmek maslahat berilýär. Şeýle hem sirkeli suw bilen arassalanan aýna hem bugarmaýar.

## MUNY BILÝÄRMISIŇIZ?

Umman suwlarynyň 100 million tonnasynda 1-4 gram aralygynda altyn bolýar.

Emma, olary gaýtadan işläp almak altynyň özünden gymmat düşýär.



# Reňkli belka




Belka diýlende, kiçijik, goňrumtyl reňkli, pişge guýruk, owadanja jandar göz öňüňe gelýär. Emma dünýäniň dürli ýerlerinde şol ýeriň tebigy aýratynlyklaryna görä dürli görnüşli belkalar ýaşaýar. Malabar atly belka bolsa, ululygy we reňki bilen tapawutlanýar. Latynça ady “Ratufa indica” atly jandar wagtynyň köp bölegini agaçda geçirýär. Hindistandaky tokaýlyklarda ýaşaýan malabarlar sarymtyl, goňur-sary, gara-goňur, al we açyk goňur reňklerde bolup, olaryň hemmesiniň gulagynyň arkasynda ak tegmil bolýar.

Olaryň bedenleriniň boýy 36 santimetre, guýrugynyň uzynlygy 61 santimetre çenli bolýar. Agramy 1,5-2 kilogram bolan jandarlaryň 5 görnüşi bar. Tropik tokaýlyklarda ýaşaýan jandarlar agaç köweklerinde öý ýasanýarlar. Olar ýyrtyjy guşlar ýa-da geçigaplaň ýaly duşmanlarynyň gelýänini aňsalar, şaha ýapyşyp gymyldaman durýarlar. Olaryň reňki duşmanlaryndan goranmaga ýardam edýär. Bir agaçdan beýleki agaja 6 metre çenli böküp bilýän, ortaça 20 ýyl ýaşaýan endemik jandarlaryň bu görnüşi diňe Hindistandaky tokaýlyklarda duş gelýär.

Sanlary birikdiriň!





# Pyrlawaç ýasap bilýäňizmi?!



**Welosiped sürmek, top oýnamak ýa-da satyn alnan oýnawaçlara güýmenmek belli wagtdan soňra ýadadyp biler. Emma öz eliň bilen ýasan oýnawajyň has gyzykly hem-de gadyrly bolýar. Tomusky dynç alyş günlerinde irdenin ýa-da agşamara howanyň salkyn çagy pyrlawaç uçuryp oýnamak hem gyzykly bolar. Eýsem, siz kagyzdan pyrlawaç ýasap bilýäňizmi?!**

Ilki bilen, ähli tarapy deň kagyz almaly. Eger kagyz gönüburç bolsa, gaýçynyň hem-de çyzgyjyň kömegi bilen dörtburç edip kesmeli. Pyrlawaç ýasamak üçin reňkli kagyzy, ýazylan ýa-da adaty görnüşdäki islendik kagyzy hem ulanyp bilersiňiz. Kagyzy suratdaky ýaly atanaklaýyn çyzyp, ortasynda we dört burçunda berkidiljek ýerleri bellemeli. Çyzyk bilen görkezilen ýerleri kesmeli we dört burçunda bellenen nokatlary ortaky nokadyň üstüne getirip ýelimlemeli. Emele gelen periň ortasyndan telpeklije çüý ýa-da bir tarapy halkaly iňňe ötürmeli. Soňra pyrlawajy taýajyga berkitmeli. Öz eliňiz bilen kagyzdan ýasan oýnawajyňyz ylganyňyzda ýa-da welosipediňize dakyp süreniňizde, şemalyň täsirine pyrlanyp başlar. Mähriban çagalar, pyrlawaç bilen wagtyňyzy şadyýan geçiriň!















# Pişikler hakynda

***Pişikleriň ýabany we öýdeçi görnüşleri bolup, hereketleri bilen adamlaryň ünsüni çekýärler. Eýsem, pişikleriň nähili aýratynlyklary barka?!***

- ✓ Pişikler günüň 16 sagadyny uklap geçirip bilýärler.
- ✓ 1963-nji ýylda Fransiýada ilkinji gezek pişik kosmosa uçurylýar. Pişigiň atmosferanyň daşyna eden syýahaty şowly tamamlanýar.
- ✓ Dünýäniň ähli ýerinde iň köp ýaýran öý jandary pişik hasaplanýar.
- ✓ Dünýäde 500 milliondan gowrak öý pişiginiň bardygy çaklanylýar.
- ✓ Pişigiň ilkinji karikaturasy “Felix the cat” ady bilen 1919-njy ýylda çap edilýär.
- ✓ “Tom we Jerri” multfilmi ilkinji gezek 1940-njy ýylda tomaşaçylara ýetirilýär.
- ✓ Pişigiň burnunyň her tarapynda 12 murty bolýar.
- ✓ Pişikler oýa wagtynyň üçden bir bölegini özlerini arassalamak bilen geçirýärler.
- ✓ Pişikler öz bedeninden 5-6 esse uly aralyga böküp bilýär.
- ✓ Öý pişikleriniň agramy 4-5 kilogram aralygynda bolýar.
- ✓ Pişikler adamdan çalt ylgaýar.
- ✓ Pişikler ortaça 12-15 ýyl ýaşaýar.









# Geçimi ýa-da keýik?!

Bongonyň ylmy ady «tragelaphus eurycerus» bolup, bu jandara başgaça «tokaý antilopasy» hem diýilýär. Ak çyzyklary bolan bu jandary 1837-nji ýylda ilkinji gezek irlandiýaly tebigaty öwreniji William Ogilby öwrenýär we köpçülige mälim edýär. «Tragelaphus» grekçeden emele gelen söz bolup, «geçikeýik» diýen manyny aňladýar. Sebäbi bu jandaryň kellesi geçä, göwresi bolsa keýige meňzeýär.

Bongonyň beýleki jandarlardan tapawutly aýratynlygy bedeninde zebranyňky ýaly ak çyzyklaryň bolmagydyr. Bu jandarlaryň göwresiniň iki gapdalyndan 10-15 sany dik ak çyzyk geçýär. Şeýle hem oňurgasynyň üstünden guýrugyna çenli ak tüýli gerşi bar. Bongonyň döşünde awtoulaglaryň logosyna meňzeş ak tegmil bar. Bu jandaryň ýüz örtügi täsin bolup, gözüniň üsti we tumşugy garamtyl reňkde, «ýaňagy» bolsa sargylt bolýar. Boýy we göwresiniň uzynlygy 3 metrden gowrak bolan bu jandarlaryň agramy 400 kilograma çenli ýetýär. Bongolar 19 ýyla çenli ýaşaýar.

Uzyn dilli bu jandarlaryň esasy iýmiti agaçlaryň ter ýapragy, gülli baldajyklar bolup, arasynda tikenli otlar, däneli ösümlikler bilen hem iýmitlenýärler. Adatça, bongolar agaçlaryň şahasyny dili bilen çekip, goparyp alýarlar we soňra ýapraklaryny iýýärler. Bongolaryň iň howply duşmany afrika itleri hasaplanýar. Häzirki wagtda bu jandarlaryň sany 28 müňden geçmeýär. Bongo Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan sanawa girizilen ýitip gitmek howpy abanýan süýdemdirijileriň biridir.

# GELIŇ, BOWLING OÝNALYŇ!

Söwda-dynç alyş merkezlerinde, telewizorda, telefon oýunlarynda ýa-da sport desgalarynda geçirilýän oýunlarda bowlingi gören bolsaňyz gerek. Taryhçylar bu oýnuň ilkibaşda gadymy Müsürde oýnalandygyny belleýärler. Miladydan öňki 3200-nji ýyllarda gadymy Müsürde «çaga oýny» diýlip atlandyrylan bowlinge meňzeş oýun bolupdyr. Bu oýunda alabaster palçygyndan wazanyň şekiline meňzedilip ýasalan 9 sany çüýşe hem-de daşyna deri aýlanan däne gabygyndan ýasalan toplar ulanylypdyr. Bu oýnuň galyndylary 1895-nji ýylda Müsüriň Nakada şäherinde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde tapyldy. Şondan bäri birnäçe asyryň dowamynda dünýäniň dürli ýerlerinde oýnalan bowling XIX asyrda ýapyk binalarda geçirilýän sport oýunlarynyň hataryna goşulýar.

Gözüň we eliň hereketini sazlamagy, ýagny el bilen gözi birwagtda ulanmagy öwrenmäge ýardam edýän bu oýny öýde giňräk otagda ýa-da howluda hem oýnap bolýar. Ilki bilen, bowling şarynyň gitjek ýodajygynyň iki gyrasyny kesgitlemeli. Munuň üçin çyzyk çyzmak ýeterlik. Çüýşeleri urmak üçin ulanylýan şar hökmünde kiçeňräk ýumşak top ulanyp bilersiňiz.

Ýodajygyň gutarýan ýerine üçburçluk görnüşinde 10 sany plastik çüýşe ýerleşdirmeli. 0,5, 1 ýa-da 1,5 litrlik gazlandyrylan içimlikleriň gabyny çüýşe hökmünde ulanyp bilersiňiz. Emma oýnuň düzgünine görä çüýşeleriň ählisiniň ululygy deň bolmaly. Ýodajygyň başlanýan tarapyna çyzyk çyzmaly. Oýunçylar çyzykdan geçmän, topjagazy çüýşelere tarap oklamaly. Çüýşeleriň aňsatlyk bilen ýykylmazlygy üçin içine suw ýa-da çäge guýup bilersiňiz. Çüýşeleri ýykmak näçe kynlaşdygyça oýun hem şonça çekeleşikli geçer. Oýnuň düzgünine seretmek üçin ululardan birini emin agza belläp bilersiňiz. Geliň, onda bowling oýnamaga başlalyň!





# Zehin SOWALY

Ylgaw ýaryşyna gatnaşan Şamyrat başdan soňa sanalanda-da, soňdan başa sanalanda-da 7-nji boldy. Ýaryşa jemi näçe türgen gatnaşypdyr?

Köçäniň gyrasyna arasy üç metrden jemi 21 nahal oturdylypdyr. Şeýle ýagdaýda birinji nahal bilen soňky nahalyň aralygy näçe metr bolar?

Gyzylgülüň elindäki gülleriň ikisinden galany çigildem, ikisinden galany bägül we ikisinden galany çopantelpek. Gyzylgülde näçe gül bar?

Öýde bäş dogan bar. Aman aýdym diňleýär, Arzuw kitap okaýar, Gözel surat çekýär, Aly küşt oýnaýar. Eýsem, bäşinji dogan Myrat näme işleýär?

*Jogaplary:*
*1. 13. 2. 3. 3. 60 metr. 4. Aly bilen küşt oýnaýar.*

## 7 tapawudy tapyň!



## Gyzykly pursat



(Tymsal)

# Ýagşylygyň parçalary

Bir maşgala dynç alyş gününi deňiz kenarynda geçiripdir. Çagalar deňizde suwa düşüpdirler hem-de çägeden geň-enaýy jaýjagazlary ýasapdyrlar.

Birdenem, uzakdan bir garry kempiriň garasy görnüpdir. Garry kempir könelen egin-eşigini ýele ykjadyp gelşine, öz ýanyndan hümürdäp, käwagt aşak eglip, ýerden bir zatlar alyp, torbasyna salýardy. Ene-atalary çagalaryny ýanyna çagyryp, bu gelýän garrydan gaçarak durmagy tabşyrypdyrlar. Ol çagalaryň golaýyndan geçip barýarka, ýerden bir zatlar çöpläp barşyna olara garap ýylgyrypdyr, ýöne onuň ýylgyrşyna hiç kim üns bermändir.

Olar başga bir gezek deňiz kenaryna dynç almaga baranlarynda bu garry kempiriň çagalaryň aýagyny gyýaýmasyn diýip, hemişe deňziň kenaryndaky çüýşe gyýçaklaryny çöpleýändigini bilip galypdyrlar.

Ýagşylykdan ýamanlyk gözleme.

Ýagşylygy bilmeseň, ýagşylyga goşul.

Ýagşylyk iňňäniň gözünden görner.



## Jandarlara öýüne barmaga kömek ediň!



## Labirint





**7**

**tapawudy tapyň!**



## 7 tapawudy tapyň!





## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



ÇYNAR



ZAMAN TÜRKMENISTAN



ZAMAN TÜRKMENISTAN

www.zamanturkmenistan.com.tm




Tel.: (+99312) 28-14-05

Fax: (+99312) 28-14-36

web-site: www.zamanturkmenistan.com.tm

zaman_turkmenistan

zaman_turkmenistan1992